# Kitaphananyñ howlusynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Kitaphananyñ howlusynda Türkmen Döwlet kitaphanasynyñ Filosofik howlusynda

Eflatunmy, Aristotel, Faraby,
Ele alyp ýene ýelek galamy,
Maña gadymýetden ýazýarlar nama, –
Üstünden asyrlar geçende näme!

Diwaryñ ýüzünden bakyşyp ine,
Ýazyşyp otyrlar taglymatyny,
Çyny bilen düşündirjek bolýarlar
Ynsanyñ, dünýäniñ tebigatyny.

Materiýa, kosmos,
Ideýa hem añ…
Filosof, patyşa…
Bakylyk,
Ynsan…
Olaryñ agzaýan, gozgaýan zady
Iññän çylşyrymly,
Juda ullakan…

…Okyjydan doly stollañ daşy,
Kitaplara gümra, egipdir başy,
Himiýa, logika, taryh, diamat,
Fizika, etika, din, dil, syýasat,
Diñkesin dikipdir hersi bir zada,
Şondan başga häzir zat ýok dünýäde.

Ýöne ynha, ýada salyp ogryny
Bir çetinde filosofik howlynyñ,
Ýeñsesin öwürip akyldarlara,
Bir gyz bilen ýigit ogşaşyp otyr…

Öňlerinde meniň kitabym ýatyr!

1978

Annaberdi AGABAÝEW. Goşgular